Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**M. Halikowa, Ş. Ergaşewa**

# EDEPNAMA

**Umumy orta bilim berýän mekdepleriň**
**3-nji synpy üçin derslik**

Düzedilen we doldurylan dördünji neşir

Özbegistan Respublikasynyň
Halk bilimi ministrligi tarapyndan hödürlenen

http://eduportal.uz

DAŞKENT
«YANGIYUL POLIGRAPH SERVICE»
2019

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**UO‘K: 177=512.133(075)**
**KBK 74.200.51**
**X-72**

**Halikowa, Mohira.**
Edepnama : umumy orta bilim berýän mekdepleriň 3-nji synpy üçin derslik / M. Halikowa, Ş. Ergaşewa. - Düzedilen we doldurylan dördünji neşir – Daşkent: Yangiyul poligraph service, 2019. – 96 s.

ISBN 978-9943-979-74-1

UO‘K: 177=512.133(075)
KBK 74.200.51ya71

**Syn ýazanlar:**

A. Hasanow — taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent
A. Narbaýew — Nyzamy adyndaky DDPU uly mugallymy
D. Wahidow — A.Awlany adyndaky HBÝIGTHK institutynyň mugallymy
S. Şaripowa — Şaýhantahur tümenindäki 324-nji mekdebiň başlangyç synp mugallymy

Şertli belgiler:

— Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň maddalary
— Tekstdäki çylşyrymly sözleriň düşündirişli sözlügi
— Ýatda saklaň
— Pähimler we hadyslar
— Soraglar we ýumuşlar
— Aklyňy ýiteldiji şadyýan ýumuşlar
— Öý işi

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-979-74-1

© «Yangiyul Poligraph Service», 2019.
© M. Halikowa, Ş. Ergaşewa, 2019.

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eziz okuwçy! Eliňizdäki kitap Siziň «Edepnama» predmetinden 1–2-nji synplarda alan bilimleriňizi has-da giňeltmäge, berkitmäge hyzmat eder.

3-nji synpda Siz edepli çaga nähili sypatlara eýe bolmalydygyny, dürli ýagdaýlarda özüni nädip alyp barmalydygyny, maşgalasyna, Watanyna nähili peýda getirmelidigi barada örän köp zatlary bilersiňiz.

Bilim eýelemek üçin köp okamaly, öwrenmeli. Sizde munuň üçin wagt we mümkinçilikler ýeterli. Siz wagty biderek geçirmezden, mümkinçiliklerden önümli peýdalanarsyňyz diýip oýlaýarys.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# I BAP. WATAN — MUKADDES





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY – GARAŞSYZ DÖWLET

Garaşsyzlyk – uly nygmat. Garaşsyz döwletiň halky erkin we azat bolýar. Taryhda hiç bir halk öz garaşsyzlygyna aňsatlyk bilen ýeten däldir. Ata-babalarymyz hem asyrlaryň dowamynda azatlyk üçin göreş alyp barypdyrlar. Şirak, Tomaris, Jelaliddin Menguberdi, Emir Temur ýaly beýik ata-babalarymyzyň durmuşy muňa mysaldyr.

1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda döwlet garaşsyzlygy yglan edildi. 1-nji sentýabr Garaşsyzlyk güni hökmünde bellenýär. Şu wagtdan başlap ýurdumyz ösüş ýoluna gadam goýdy.

Islam Karimow Özbegistanyň Birinji Prezidentidir. Ol halkymyzy garaşsyz ösüş ýoluna alyp çykdy.

Garaşsyz döwlet başga bir döwlete tabyn bolmaýar. Garaşsyz syýasat ýöredýär, baýlyklaryna özi eýelik edýär.

Häzirki parahat durmuşymyz, ýurdumyzdaky ösüş garaşsyzlyk sebäplidir. Şonuň üçin ony gadyrlap, gowy okamak we edep-ahlagymyz bilen Watanymyzyň ösüşine goşant goşmalydyrys.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBEGISTANYM

Sen gözelsiň, eziz ülkäm,
Çynarlaryň bizdek mäkäm.
Daş hem güllär topragyňda,
Mähriň gaýnar bulagyňda.

Eli açyk baglaryň köp,
Baýlyk käni daglaryň köp.
Gülläp ösýär şäher obaň,
Guwanýandyr ata-babaň.

Asmanyňdan, otlugyňdan,
Pagta ýaly ap-agyňdan.
Reňk alandyr baýdagyň hem,
Sen gözelsiň, eziz ülkäm!

**Anwar Obidjan**

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýaş nesliň kämil adamlar bolup kemala gelmekleri üçin ähli şertler döredildi. Ýagty we gelşikli okuw otaglary, sport desgalary, döredijilik merkezleri guruldy. Ýaşlar bu mümkinçiliklerden peýdalanyp, öz ukyplaryny ýüze çykaryp bilýärler.

Bu günki günde özbegistanly ýaşlar her ugurda uly üstünlikleri gazanyp, dünýä tanalýarlar.

Her bir adam öz Watanyna gulluk etmeli, onuň gülläp ösmegine goşant goşmalydyr.

1. Garaşsyzlyk diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Watanyň ösüşine men nähili goşant goşmaly, diýip oýlaýarsyňyz?
3. Siziň pikiriňizçe, nähili adamlaryň Watana köpräk peýdasy degýär?
4. Watan, azatlyk temasyndaky nähili kinofilmleri görüpdiňiz?
5. Ata-eneňiz bilen Watanymyzyň taryhy, beýik ata-babalarymyz barada söhbetleşiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GARAŞSYZLYK BEREN MÜMKINÇILIKLER



Ýaşlaryň döredijilik köşgi — 2008-nji ýylda «Ýaşlar ýyly»nda gurlan seýrek binagärlik toplumy. Bu ýerde üç sergiler zaly, medeni-aň-bilim çäreleri geçirmek üçin uly zal, şonuň ýalyda sungatyň dürli ýönelişleri bilen meşgullanmak üçin döredijilik ussahanalary ýerleşýär.

Ýaşlar şeýle köşklerde özleri gyzyklanýan sungat görnüşlerini öwrenip we görkezip bilerler.

## AGA-INI SINDAROWLAR – DÜNÝÄ ÇEMPIONLARY

Küşt akyly ýiteldýär. Pikirlenmäni ösdürip, dogry karar kabul etmegi öwredýär. Adamyň kämilleşmeginde bu sport görnüşiniň orny uly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistanly aga-ini küştçiler Jawohir we Islambek Sindarow halkara ýaryşlarda ýeňiji bolup, ýurdumyzyň şöhratyny dünýä tanatdylar. Olar dünýäniň iň güýçli sportçy-ýaşlaryndan üstün çykdylar. Jawohir we Islambek özbek ýaşlary her ugurda öňdebaryjydygyny ýene bir gezek subut etdiler.

Talant her bir adamda bar. Ony ýüze çykarmak üçin dyngysyz zähmet, yhlas we sabyrlylyk talap edilýär. Anyk maksat goýup, oňa tarap aýdytly ymtylan adam hökman maksadyna ýeter.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kim näçe ýaşda grossmeýster bolupdyr?**

1. Sergeý Karýakin, Russiýa — 12 ýaşda.
2. Jawohir Sindarow, Özbegistan — 12 ýaşda.
3. R. Pragnanandha, Hindistan — 12 ýaşda.
4. Magnus Karlsen, Norwegiýa — 13 ýaşda.



Küşt boýunça dünýä çempiony, ýaş halkara grossmeýster Nadirbek Abdusattorow Prezident tarapyndan mahsus sowgat bilen sylaglandy. Nadirbek ýaly ýaşlar Watanymyzyň adyny dünýä tanadýarlar. Olar ýaly üstünlikler gazanmaga hereket ediň.

**Grossmeýster** – küşt sport görnüşindäki iň ýokary dereje.

1. Aga-ini Sindarowlaryň uly üstünlik gazanmaklarynyň sebäbi nämede?
2. Siziň hem üstünlikleriňiz barmy? Ýaşytdaşlaryňyzda nähili?
3. Adam üstünlik gazanmagy üçin nämeler etmeli diýip oýlaýarsyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GELEJEK BARADA SÖHBET

Terbiýeçilik sagadynda mugallym sorag berdi:

– Okuwçylar, gelejekde kim bolmakçysyňyz? Muňa häzirden nähili taýýarlanýarsyňyz?

– Men konstruktor bolup, adamlaryň zähmetini ýeňil edýän robotlary döretmekçi, – diýdi Akbar. – Şonuň üçin ýaş tehnikler gurnagyna gatnaşýaryn.

– Men dizaýner bolmakçy, – diýdi Zilola. – Ýaşlaryň döredijilik köşgünde owadan köýnekleri tikmegi öwrenýärin.

– Men Mutal Burhanow ýaly kompozitor bolmak isleýärin. Gelejekde watanymyzy wasp edýän sazlary dörederin, – diýdi Diýarbek. – Dersden soň sazçylyk mekdebinde maşk edýärin.

– Men çeper gimnastika bilen meşgullanýaryn. Ýakynda Samarkant şäherinde bolup geçen ýaryşda gatnaşyp, ýeňiji boldum, – diýdi Mahym.

– Men bolsa telekeçi bolmakçy, – diýdi Batyr. – Özüm öndüren önümleri dünýä alyp çykarjak. Munuň üçin men köp dilleri bilmelidirin. Häzir rus we iňlis dillerini öwrenýärin.

Okuwçylaryň jogabyndan mugallym hoşal boldy we diýdi:

– Berekella, häzirden şeýle maksatlar bilen hereket etseňiz, hökman arzuwlaryňyz amala aşar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Dünýädäki iň ýaş dirižýorlardan biri — Asadbek Aýubjanow.



Özbegistanly ýaş gimnastikaçylar 2018-nji ýylda Aziýa çempionatyndan 14 medal bilen gaýtdylar.

1. Siz ýaşaýan çäkde ýaşlar üçin nähili mümkinçilikler döredilen?
2. Siz hem döredilen mümkinçiliklerden peýdalanýarsyňyzmy?
3. Özüňiz bilýän adamlardan kime höwes edýärsiňiz? Näme üçin? Ol nädip üstünlik gazandy, diýip oýlaýarsyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# DÖWLET SIMWOLLARY – MILLI BUÝSANJYMYZ

Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdagy 1991-nji ýylyň 18-nji noýabrynda kabul edilen.

1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda kabul edilen respublikamyzyň gerbinde legendar Humaý guşy şekillendirilen. Şonuň ýaly-da, onda pagtanyň, bugdaýyň, güneşiň, daglaryň, jülge we derýalaryň teswiri hem bar. Baýdak hem-de gerbdäki her bir reňk we teswirler öz simwolyna, manysyna eýe.

Özbegistan Respublikasynyň senasy 1992-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen. Watanymyzyň senasy ýaňlananda kalbymyzda buýsanç duýgusy oýanýar. Sag elimizi döşümize goýmak arkaly ýurdumyza bolan mährimizi aňladýarys.





1. Ýurdumyzyň baýdagyny nirelerde gördüňiz?
2. Baýdagymyzyň parlap durşy sizde nähili duýgulary oýarýar?
3. Döwletimiziň senasyny ýatdan aýdyp berip bilersiňizmi?



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BAÝDAGYMYZ – BUÝSANJYMYZ

Jelaliddin garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda ata-enesi bilen paýtagta geldi. «Halklar dostlugy» meýdanynyň öňünden geçende onuň gözi ullakan baýdaga düşdi.

– Serediň, döwletimiziň baýdagy nähili owadan! – diýdi begenip.

– Hawa, oglum, baýdak ýurduň azatlygynyň we parahatçylygynyň simwoly. Beýikligi 65 metrlik bu baýdagyň parlap durmagy galbymyzda buýsanç oýarýar.

– Atajan, näme üçin ýeňiji sportçylar ýaryşlarda öz ýurdunyň baýdagyny ýokary galdyrýarlar?

– Çünki baýdak ozaldan ýeňiş we azatlyk tymsaly bolupdyr. Sportçylar baýdak arkaly





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

öz ýurdunyň perzendidigine buýsanç duýgusyny aňladýarlar. Şunuň bilen birlikde ýeňijileriň hormatyna ýurduň senasy hem ýaňlanýar.

– Men hem uly bolsam, hökman ýurdumyzyň baýdagyny ýokary galdyraryn, – diýdi Jelaliddin.

Watanymyzyň baýdagyna, gerbine, senasyna hormatsyzlyk üçin kanunlarda jogapkärlik nazarda tutulan. Döwlet simwollaryny hormat etmek borjumyzdyr.

**Degişli jogaplary goýup, ýumşy depderiňizde ýerine ýetiriň.**

________Özbegistanyň garaşsyzlygy yglan edildi.

Döwlet baýdagy ____________da kabul edilen.

1992-nji ýylyň 8-nji dekabrynda ______ kabul edilen gün.

_________ Özbegistanyň Birinji Prezidentidir.

Özbegistanyň senasynyň tekstiniň awtory________.

1. Döwlet simwollary hakda maglumat beriň.
2. Döwletimiziň gerbindäki Humaý guşy nämäniň simwoly? Bugdaý, pagta we güneş näme?
3. Döwlet simwollaryna nähili gatnaşykda bolmaly?



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TARYHY ÝADYGÄRLIKLER – MEDENI BAÝLYGYMYZ

Ýurdumyzda gadymy ýadygärlikler örän köp. Olar biziň baý taryhymyzdan, ata-babalarymyzyň ýokary akyl-paýhasyndan habar berýär.



Samarkant şäherindäki Registan meýdany hemişe syýahatçylardan doly. Çünki bu meýdanda üç sany kaşaň ýadygärlik: Şirdar, Tyllakori we Ulugbek medreseleri ýerleşen.

Içan gala Hywadaky galyň diwarlar bilen gurşalan seýrek ýadygärlikdir. Bir wagtlar bu diwarlar şäheriň halkyny daşky duşmanlardan gorapdyr. Içan gala



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1997-nji ýylda Hywa şäheriniň 2500 ýyllygy mynasybetli ýadygärlik gaýtadan abatlandy.

Minarai Kelan – uly minara diýildigidir. Şu ýadygärlik 1127-nji ýylda gurlan. Buhara baran adam bu minarany görmän gitmeýär.

Ymam Buhary toplumy Samarkant şäheriniň golaýyndaky Hartaň obasynda ýerleşen. Ata-





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



babalarymyz beýik muhaddis alymyň guburyny zyýaratgähe öwürdiler.

Şährisebz şäherindäki Aksaraýyň ok şekilli gümmeziniň aralygy 22 metrden artyk bolup, temuriler guran desgalaryň arasynda iň ajaýybydyr. Saraýyň maňlaýynda: «Gudratymyza şübhäňiz bolsa, biz gurduran ymaratlara bakyň», diýlip ýazylypdyr.

Babalarymyzdan miras bolan taryhy ýadygärlikleri goramak we geljekki nesillere ýetirmek her birimiziň borjumyzdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda kaşaň ymaratlar guruldy. Bu binalar hem gelejekde taryhy ýadygärlikler hökmünde gadyrlanar.

**Muhaddis** – hadyslary toplan we öwrenen alym.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasynda: «Raýatlar Özbegistanyň halkynyň taryhy, ruhy we medeni mirasyny aýawlap saklamaga mejburdyrlar. Medeniýet ýadygärlikleri döwletiň goragyndadyr», diýlen.

1. Ýurdumyzdaky haýsy taryhy ýadygärlikler barada maglumata eýesiňiz?
2. Siz hem taryhy ýadygärliklere zyýarat etdiňizmi?
3. Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan kaşaň desgalar barada nämeleri bilýärsiňiz?
4. Taryhy ýadygärlikleri aýap saklamak näme üçin zerur?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AMALY SAPAK «MEN ÝAŞAÝAN ÇÄKDÄKI TARYHY ÝADYGÄRLIKLER»

1. Obaňyzyň ýa-da şäheriňiziň adynyň gelip çykyş taryhy baradaky rowaýatlary bilýärsiňizmi?
2. Çägiňizde nähili taryhy ýadygärlikler bar? Olary zyýarat etdiňizmi?
3. Taryhy ýadygärlikleri näme üçin aýap saklaýarys?



**Krosswordy çözüň**

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | R | | | | | | | |
| 2 | E | | | | | | | |
| 3 | G | | | | | | | |
| 4 | I | | | | | | | |
| 5 | S | | | | | | | |
| 6 | T | | | | | | | |
| 7 | A | | | | | | | |
| 8 | N | | | | | | | |

1. Ýurdumyzyň adamlary – ... .
2. ...-toprak.
3. Ýer şarynyň modeli.
4. ... bähbidi mukaddesdir.
5. Ýurdumyzdaky derýa.
6. Eliňizdäki dersligiň dili.
7. Merkezi ..... sebiti.
8. Iň eziz nygmat.



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistan – gadymy diýar. Beýik Ýüpek ýolunyň üstünde ýerleşen ýurdumyz taryhy ýadygärliklere baý. Ýurdumyzyň her bir obasynda we şäherinde taryhy desgalar we üns bererlik ýerler bar.

Daşary ýurtlarda ýurdumyzyň taryhyna gyzyklanma güýçli. Gadymy we taryhy ýadygärliklerimizi görmek üçin bütin dünýäden syýahatçylar gelýär. Taryhy ýadygärlikler turizmi ösdürmäge goşant goşýanlygy bilen hem ähmiýetlidir.

## BIBIHANYM METJIDI WE MEDRESESI

Saraýmülkhanym Emir Temuryň söýgüli aýalydy. Ol akyl-paýhasda deňsiz bolany üçin köşkde Bibihanym – Uly hanym edip bellenipdir.

Bibihanym döwlet işlerinde sahypgyrana ýakyndan kömek beripdir. Ol gurluşyk we abadançylyk işleri bilen hem meşgullanypdyr.

1399-njy ýylda Hindistandan ýeňiş bilen gaýdan Emir Temur medrese gurdurmakçy bolýar. Dünýäniň iň ökde inženerleri, tejribeli ussalary işläp başlaýar. Daglarda 500 adam daşlary ýonup, şähere iberip duryar. Arabalara goşulan öküzler, Hindistandan getirilen piller işe salynýar.

Sahypgyran birnäçe aý gurluşyga özi gözegçi-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lik edip durýar, emma tizde ýene uzak möhletli sapara atlanýar. Gurluşyga ýolbaşçylygy Bibihanyma tabşyrýar.

Bibihanym sahypgyranyň gelmegine sowgat bolsun diýip medresäniň ýanynda metjit hem gurup tamamlamagy ýüregine düwýär. Ol gurluşykçylary çagyryp, ýumuşlar we sowgatlar berýär. Iş gyzyp gidýär. Minaralar göge boý uzadyp, giň meýdanda ak mermer arkalar dikelýär.

Emir Temur şähere gaýdyp gelende äpet medresäni we metjidi görüp gaty begenýär. Öz döwründe Bibihanym medresesinde müňe golaý talyplar bilim alypdyr.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# II BAP. EDEP-AHLAK HAZYNASY

## AŇ-BILIM ÝAÝRADYJYLYK ATA-BABALARYMYZDAN MIRAS SYPAT



**Abu Ali ibn Sina**



**Abu Reýhan Biruny**



**Mürze Ulugbek**

Aň-bilim ýaýradyjylyk – adamlary bilim almaga çagyrmak diýmekdir.

Gadymy kitap – «Awesto»da ylym öwrenmegiň ähmiýeti we edep-ahlak barada söz ýöredilýär. «Gowy pikir, ýagşy söz, haýyrly amal» bu kitabyň baş kadasydyr.

Babalarymyz ylym-bilimi beýgeldip, ony çuňňur eýelemäge ymtylypdyrlar. Ibn Sina, Biruny, Mürze Ulugbek we başga beýik alymlaryň durmuşy we işi bize göreldedir.

Ibn Sina lukmançylyk ylmyndan daşary, matematika, tebigaty öwreniş ylymlaryny hem çuňňur bilipdir. Ol goşgulary we poemalary arkaly adamlary ylym öwrenip, gowy sypatlara eýe bolmaga çagyrypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Biruny ylmyň ähli diýen ýaly ugurlary bilen meşgullanypdyr. Onuň ylmy üstünliklerinden bütin dünýä henize çenli peýdalanýar.

Mürze Ulugbek ýyldyzlar ylmyny öwrenen şa we alym. Ol 1018 sany ýyldyzyň asmandaky ýerleşişini anyklady. Mürze Ulugbegiň obserwatoriýasy öz döwri üçin beýik açyşdy.

Magaryfperwer babalarymyza buýsanýarys, olaryň işlerini dowam etdirmelidiris. Ymam Buhary nygtaýşy ýaly, «Dünýäde ylymdan başga najat ýok we bolmasyn».

**Najat** – kömek, ýardam, kyn ýagdaýdan çykmagyň ýoly.

**Danalar ylym we onuň peýdalary barada**

Ylym – zatlary akylyň kömeginde öwrenmekdir.

***Ibn Sina***

Bilim bilen bagt ýoly açylýar,
Şonuň üçin bilimli bol, bagt ýoluny gözle.

***Ahmet Ýugnaki***

Kitap ähli döredijilik, ýaradyjylyk we akyl-paýhasyň, ylmy-danalygyň esasydyr, durmuşy döredijі terbiýeçidir.

***Emir Temur***

Bilmedigin sorap öwrenen alym,
Soramaga ar eden özüne zalym.

***Alyşir Nowaýy***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BIRUNYNYŇ DYNÇ ALYŞ GÜNLERI

Biruny ýylda diňe iki gezek – Nowruz baýramynda we bugdaýa birinji orak düşende dynç alar eken.

Nowruz güni ir bilen daňdan ýerinden turup, ýuwunyp-daranyp, gowy lybaslaryny geýip, garyndaş-uruglaryň halyndan habar alar eken. Soň dost-ýarlaryny zyýarat edip, söhbetleşer, degişme-ýomak aýdyşar eken. Soň ekin meýdanyna çykyp, ýere birinji omaç salmakda gatnaşar, daýhanlar bilen iňrik garalýança goş goşup, nahal ekmäge kömekleşer eken...

Hal-ýagdaý soranlara:

– Dynç alyp, ýaşaýşyň lezzetini dadyp ýörün, – diýip jogap berer eken.

Bugdaýa birinji orak düşende-de daýhança geýnip, daňdan agşama çenli bugdaý orar eken. Geçip barýanlar: «Armaweri», – diýse, ol bolsa hoşallyk bilen «Bar boluň», – diýer eken.

Beýik alym ýylyň iki gününi şeýle geçirýärdi, galan günleri dyngysyz okamaga, kitap ýazmaga, tejribe geçirmäge, döredijilik etmäge bagyşlar eken. Säherden agşama çenli ýer sürmek, orak ormagy zähmet däl, eýsem dynç alyş diýip hasaplar eken.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hawa, Biruny: «Bir minut wagty biderek geçirdigim – heläk boldugym», diýip ýöne ýere aýtmandyr. Wagty gadyrlamagy beýik babamyzdan öwrenmelidiris.

?!

1. Biruny Nowruz gününi näme üçin özgeleriň halyndan habar almak we meýdanda zähmet çekmek bilen geçirdi, diýip oýlaýarsyňyz?
2. Biruny wagtyň gadryny nähili aňladýar?
3. Beýik alym haýsy sypatlary üçin beýik adam derejesine ýetdi?

## DAŞY KESEN TANAP



Beýik tebip Abu Ali ibn Sina çagalyk çagynda matematikany onçakly halamaýan eken. Çünki ol bu ylmy gaty kyn diýip hasaplar eken.

Bir güni ibn Sina gyr-baýyrda barýarka guýa duşupdyr. Teşneligi kanagatlandyrmak maksadynda guýa bedre taşlapdyr. Suwy çekip aljak bolanda, guýynyň gyrasyndaky mermer daşa üns beripdir. Daş



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bedrä dańlan tanabyň sürtülmeginden iýlip giden eken. Ibn Sina Hyýala batypdyr:

– Tanap ýumşak bolsa, nädip pugta mermer daşy kesmegi mümkin? Diýmek, her näçe kyn bolsa-da, haýsy-da bolsa bir işiň hötdesinden gelmek üçin gujur-gaýrat, sabyr-takat bilen dyngysyz zähmet çekmeli eken-dä! Men matematikany düşünmeýärin, eger hereket etsem, hökman öwrenerin.

Şeýdip, beýik alym matematikany doly özleşdiripdir.

Ibn Sina her gezek kyn işe duş gelen wagtda mermeri kesen tanaby ýada salar eken.

?!

1. Siziň pikiriňizçe, Ibn Sina dünýä meşhur alym bolmagynyň syry nämede?
2. Kyn işi, bu meniň elimden gelmeýär, diýip taşlap goýmak dogrumy?
3. Adam näme üçin bilim almaly, diýip oýlaýarsyňyz?
4. Bilim eýelemezden üstünlik gazanmak mümkinmi?
5. Daş-töweregimizdäki adamlardan kimlere höwes edýärsiňiz? Onuň haýsy sypatlary size ýakýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AŇ-BILIM KÄMILLIGE ELTÝÄR

Biz ylym-bilimiň, tehnikanyň ösen döwründe ýaşaýarys. Gündelik durmuşymyzda ulanýan, agyrymyzy ýeňledýän tehniki serişdeleri adamzadyň müň ýyllaryň dowamynda toplanan bilimleriniň we tejribeleriniň netijesidir.

Bilimli adamlary köp bolan ýurt güýçli bolýar. Şonuň üçin ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmäge uly üns berilýär. Bilimiň ýokary depelerini zabt etmegi maksat edinen Özbegistanyň ýaşlary




2017-nji ýylda Hindistanda geçirilen mekdep okuwçylarynyň arasyndaky matematika boýunça halkara ýaryşda wekillerimiz 2 sany altyn, 2 sany kümüş medalyny alyp, umumkomanda hasabynda 2-nji orny eýelediler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

halkara ylmy olimpiadalarda ýeňiji bolýarlar. Şonuň ýaly-da, dünýäniň abraýly uniwersitetlerinde okaýarlar.

Beýik ata-babalarymyzyň aň-bilim ýaýradyjylyk işlerini dowam etirmek borjumyzdyr.

## YLMYŇ PEÝDASY

Garry Arastu ogluny çagyryp şeýle diýipdir:

– Balajanym, öz ömrümi ylym öwrenmäge bagyşladym. ylymdyr hikmet nury bilen örän köp düwünleri çözdüm, emma ölüme çäre tapyp bilmedim. Saňa etjek wesýetim şu: baýlyk ebedi däl. Yzzat-hormat, şan-şöhraty ylymdan taparsyň. Ylym sebäpli ele alan abraýyň pugta bolar. Şalar meni ylmym sebäpli beýgeldýärler. Ýogsam, men hem olaryň ýönekeý raýatydym. Raýatlar şalara tagzym edýärler. Yzzat-hormata laýyk bolaýyn, adym ebedi galsyn diýseň, ylym öwren.

1. Ýurdumyzdan ýetişip çykan akyldarlardan kimleri bilýärsiňiz?
2. Olar nädip şeýle üstünlikleri gazanypdyrlar?
3. Gündelik durmuşda nähili tehniki serişdelerden peýdalanýarys? Bilimsiz adam olary döretmegi mümkinmidi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# EDEP-AHLAK NORMALARY

## EDEBI EDEPSIZDEN ÖWRENDIM

Lukman hekimden sorapdyrlar:
– Edebi kimden öwrendiň?
– Edepsizden, – jogap beripdir ol.
– Iýe, nädip? – haýran bolupdyrlar.
– Edepsiziň haýsy işi gözüme ýaman görünse, şol işleri men etmedim.

**«Gündogar rowaýatlary»ndan**

1. «Edebi edepsizden öwren» diýen nakyla nähili düşünýärsiňiz?
2. Sizde biriniň ýerliksiz hereketi garşylyk oýardymy? Ondan nähili netije çykardyňyz?

Ata-babalarymyz adamlary edep-ahlakly bolmaga çagyryp gelipdirler. Çünki adam edep-ahlagy bilen gözeldir.

Sahypgyran Emir Temur şeýle diýipdi: «Açykýüzlülik, rehim-şepagat bilen halky

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

özüme çekdim. Adalat bilen iş ýöredip, jebir-zulumdan uzagrakda bolmaga çalyşdym».

Gadymda bolsa bir danyşment perzendine şeýle nesihat eden eken:

– Eý perzent, durmuşda üstünlik gazanmak üçin aşakdaky nesihatlaryma amal et:

- Halal bol, zähmeti söý. Halal zähmet çeken adam kem bolmaýar.
- Ýaltalykdan uzaklaş, gujur-gaýraty özüňe şygar edin. Elmydama hereketde bol we öňe ymtyl.
- Seresaply bol. Ähli işde tertibi we düzgün-nyzamy berjaý et.
- Saňa tabşyrylan wezipeleri birkemsiz ýerine ýetir.
- Içgin, päk kalply we dogruçyl bol.
- Sabyrly, hemmä mähriban we gamhor bol.
- Geýnende, özüňi alyp baranda sada we tebigy ýoly saýla. Öwünjeň bolma.

## KIM BILEN DOST BOLMALY?

Danalaryň aýtmagyna görä, üç topar adamlar bilen dost bolmak mümkin:

1. Ylymly adamlar bilen. Çünki olar öz durmuşyny ylym hem edep bilen geçirýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Asylly adamlar bilen. Olar dostlarynyň aýbyny gizleýärler we hiç haçan äşgär etmeýärler. Ýalňyz galanda dostunyň aýbyny özüne aýdyp, düzetmäge kömek edýärler.
3. Mert we edermen adamlar bilen. Olaryň dostluklary hakyky bolýar. Dostlukdan peýda görmegi oýlamaýarlar.

***«Gündogar rowaýatlary»ndan***

Çyn dost uldirki, dostundan hiç haçan öýkelemeýär, eger öýkelese-de, ötünjini kabul edýär.

***Emir Temur***

Täze dost tapsaň, köne dostlaryňy unutma we olardan ýüz öwürme. Şeýle etginki, dostlaryň köp bolsun. Gowy dostlar adamyň baýlygydyr.

***Keýkowus***

Nadan dosty dost hataryna goşma. Çünki ol nadanlygy sebäpli saňa zyýan ýetirýär.

***Alyşir Nowaýy***

Edep-ahlak barada goşgy, nakyl ýa-da ertekilerden nusgalar toplaň we depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# EDEP-AHLAK BARADA HADYSLAR

**Hadyslar** yslam dininde adamlary dogry ýola eltýän möhüm çeşmedir.

Hadyslarda ýagşy gylyklar we gözel sypatlar wagyz edilýär. Ýamanlyk, şugulçylyk, birine azar bermek, ýalançylyk ýaly nogsanlar ýazgarylýar.

**Sypat** – adamdaky ýagşy adatlar. Sypatlarymyz näçe köp bolsa, şonça ýagşy.

**Nogsan** – adamyň gylyk-häsiýetindäki erbet aýratynlyklar. Olary ýok etmezden ýagşy diýen at alyp bolmaýar.

Mukaddes kitaplarda çagalaryň edebine we terbiýesine degişli örän köp pikirler aýdylmak bilen birlikde bilim almagyň parzdygy nygtalýar.

Ýurdumyzdan dünýä meşhur muhaddisler ýetişip çykan. Ymam Buhary, Ymam Termizi ýaly babakelanlarymyz hadyslary toplapdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Hadyslardan nusgalar

Adamlaryň arasynda şugulçylykdan we ýalan gepleri ýaýratmakdan saklanyň.

* * *

Dogruçyllykda howp-hatar görseňiz hem, diňe rast sözläň. Şonda najat taparsyňyz. Peýda görüp duran bolsaňyz hem, ýalandan saklanyň. Çünki barybir ýalanyň ahyry – gam.

* * *

Adamdaky iň erbet nogsan gaty bahyllyk we gorkaklykdyr.

1. Ýokardaky hadyslardan haýsy biri sizde köpräk täsir galdyrdy? Näme üçin?
2. Edep-ahlaga degişli hadyslardan toplaň.
3. Hadyslarda wagyz edilen aşakdaky sypatlary we ýazgarylan nogsanlary iki sütüne bölüp ýazyň. Sanawy dowam etdiriň.

**Mähir-şepagat, ýalançylyk, dogruçyllyk, duşmançylyk, adalat, bahyllyk, sahylyk, päk-lik, adalatsyzlyk, hyýanat, ynsap, zulum, öwünjeňlik...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# OKAMA EDEBI

**Kitap okamagyň kadalary:**

1. Kitaby dogry saýlamak.
2. Nähili kitaby okamak barada ululardan maslahat soramak.
3. Kitap okamak üçin gün tertibinden wagt bellemek.
4. Kitaby ýagty ýerde, gözden mälim aralykda tutup okamak.
5. Kitabyň sahypalaryny eplemek, kir etmek, oňa çyzmak bolmaýar.
6. Kitaby aýawlap, kitap şkafynda saklamak.
7. Okalan kitaplar barada ýakynlara we dostlara gürrüň edip bermek.

Kitap – bilim çeşmesi. Halkymyz ony gadymdan çörekdeý gadyrlapdyr. Kitaba söýgi, ony okamaga isleg halkymyza mahsus gymmatlykdyr.

Bilim we edep-ahlak eýelemekde kitap bize ýakyndan kömek berýär. Beýik adamlar kitaby dost edinip, kämillige ýetipdirler.

Kitap okan adam bilimi we ýokary aňy bilen tapawutlanýar. Söz baýlygy artýar, nutk medeniýeti ýokarlanýar.

**Aň** – pikirlenmek, oýlamak, pikir ýöretmek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasynyň gapylary kitaphonlar üçin hemişe açyk.

Ýöne käbir ýaşlar kitap okamagyň ýerine köpräk telewizor görmäge ýa-da kompyuter oýunlaryna gyzyklanýarlar. Şeýdip olar gymmatly wagtlaryny biderek sarp edýärler.

Kitap okamaýan çagalar geljekde kämil şahs bolup bilmeýärler. Şu sebäpli kitap bilen dost bolmalydyrys.

**Kämil** – her taraplaýyn ýetik, ösen.

1. Nähili kitaplary okadyňyz?
2. Özüňize iň ýakan erteki ýa-da hekaýa barada aýdyp beriň.
3. «Okuw» dersligindäki haýsy eser size ýakdy? Näme üçin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IŇ GEREKLI ZAT

Gadym zamanda bir patyşa wezirdir ulamalaryny çagyryp:

– Dünýäde iň zor, gerekli, hemme zatdan habardar edýän zat näme? – diýip sorag beripdir. Biri «Gylyç» diýse, ýene biri «Baýlyk», diýipdir.

– Üç gün möhlet berýärin, – diýipdir patyşa jogaplar ýakmadygyndan gahary gelip.

Goňşy ýurtda bir danyşment ýaşaýan eken. Wezir ony tapyp, patyşanyň ýanyna eltipdir.

– Dünýäde iň gerekli zat näme? – diýip sorapdyr patyşa.

– Kitap! – diýipdir danyşment hiç ikirjiňlenmän. – Geçmişden hekaýa edýän taryh, bu güni görkezýän aýna, ertirki güni aýdyp berýän täsinlik kitapdyr. Kitap okamadyk adam nadandyr, kitap girmedik öý garaňky tümlükdir. Ynha men – doglup ösen obamdan çykmaýan. Ýöne bütin dünýä, dürli halklar, olaryň urp-adatlary barada bilýän. Bularyň baryny kitapdan okap bildim.

Patyşa danyşmendiň jogabyndan hoşal bolup:

– Köşgümde galyp, baş maslahatçym bol, – diýipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ýöne danyşment razy bolmandyr. Patyşa sowgat eden altynlara bazardan köp kitap satyn alyp, obasyna gaýdypdyr...

1. Danyşment näme üçin köşkde galmagy islemedi?
2. Kitap adamda nähili sypatlary şekillendirýär?
3. Öýüňizde nähili kitaplar bardygy bilen gyzyklanyň. Bu kitaplar barada ata-eneňiz bilen söhbetleşiň.
4. Maşgala kitaphanaňyzdaky ýaşyňyza laýyk bolan kitaplaryň sanawyny düzüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AMALY SAPAK
# «MEN SÖÝÝÄN KITAP»

## KITABYŇ TARYHY

Kitap adamzadyň iň beýik oýlap tapmalaryndan biridir. Ol müň ýyllar öň peýda bolupdyr. Ilkinji kitaplar ýumşak laýa ýazylypdyr we guradylypdyr. Soňluk bilen agajyň gabygyndan, haýwanlaryň derisinden kitap hökmünde peýdalanylypdyr.

Käbir halklar öz pikirlerini daşa, toýna, süňke we başga zatlara ýazyp galdyrypdyrlar.

Ilkinji kagyz kitaplar Hytaýda peýda bolupdyr. Samarkant kagyzyndan taýýarlanan kitaplar hem meşhur bolupdyr.

Informasion tehnologiýalar ösen häzirki döwürde-de kitabyň gymmaty peselmedi. Çünki kitap berýän bilimiň ýerini hiç zat tutup bilmeýär. Kitap okaň we adamzadyň müň ýyllaryň dowamynda toplan bilimleri eýeläň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## BU KITAP

Durmuşymyz aýnasy,
Bilimleriň enesi,
Önümler dürdänesi,
Maňa öwreden edep –
Bu kitapdyr, bu kitap.

Onda beýan ýer, asman,
Geçmiş, gelejek zaman.
Onda goşgy, erteki, dessan,
Her soraga bar jogap –
Bu kitapdyr, bu kitap.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mazmunlary dürlüçe,
Akylyňa goşan akyl,
Dostumdyr, örän ýakyn,
Ylym ýolunda nur – güneş –
Bu kitapdyr, bu kitap.



***Polat Mömin***

**Aşakdaky jedweli depderiňize çyzyp, kitap okan we okamadyk çaga mahsus sypatlary ýazyň.**

| Kitap okan çaga | Kitap okamadyk çaga |
|---|---|
| dana | bilimsiz |
| | |
| | |
| | |
| | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Krosswordy çözüň.






**Keseligine:**

1. Ertekiler ...a elter.
2. Beýik şahyr, özbek edebi diliniň esaslandyryjysy.
3. Halkyň dana pikiri.

**Dikligine:**

1. Kitabyň düzüm bölegi.
2. Kitap — .... çeşmesi.
3. Halkyň dana pikiri, nesihaty.



http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# III BAP. ZÄHMET ADAMY BEÝGELDÝÄR

## ZÄHMET ADAM DURMUŞYNY BEZEÝÄR

**Nakyllary okaň. Bu nakyllar arkaly näme diýilmekçi?**

Zähmetden gelse baýlyk,
Durmuş bolar gözellik.

Halal zähmet – ýagşy adat,
Berer saňa uly bagt.

Zähmet adamyň durmuşyny bezeýär. Biz ulanýan zatlar, geýimler, iýýän tagamlarymyz – ählisi kimiňdir zähmeti sebäpli emele gelýär. Adamyň eli – gül. Ol islese, daşda gül ýasamagy, ýönekeý laýdan nepis zatlary ýasamagy mümkin.

Ýaltalyk – ýaman adat. Işýakmaz adam hiç haçan maksadyna ýetip bilmeýär.

1. Zähmet adama näme berýär?
2. «Zumret we Gymmat» ertekisini ýada salyň. Zumrediň haýsy sypatlaryndan görelde almak mümkin? Näme üçin Gymmata meňzemek islemeýärsiňiz?
3. Siz haýsy öý işlerinde ata-eneňize kömek edýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Aşakdaky jedwelden zähmetsöýüji adama mahsus bolan aýratynlyklary anyklaň we depderiňize ýazyň.

| | |
|---|---|
| Yhlas | |
| Ezber | |
| Ýaltalyk | |
| Jogapkärlik | |
| Çalasynlyk | |
| Tertiplilik | |

| | |
|---|---|
| Sabyr-takat | |
| Işýakmazlyk | |
| Tertip-düzgün | |
| Göriplik | |
| Ýalançylyk | |
| Arassaçylyk | |



**Krosswordy çözüň.**




**Dikligine:**

1. Ertekidäki zähmetkeş gyz.
2. Işýakmaz okuwçynyň gündeliginde haýsy baha köp bolýar?
3. Zähmetiň soňy – ... .
4. Ýalta.

**Keseligine:**

1. Zähmet çeken adam öz ...yna ýetýär.
2. Işýakmazlygy üçin jezalanan gyz.
3. ... – akyl çyragy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## ZÄHMET AÝDYMY

Zähmet – şan-şöhrat eken,
Zähmet – durmuş we rahat.
Ýaşamagy isleseň
Görkezýändir sungat.

Şan-şöhrata gömüler,
Her kim halal işlese.
Agyr ýumuş ýeňiler
Gaýrat aty kişňese.

Neneň söýse zähmeti –
Ýalyn ýürek ol Perhat,
Şeýle söýer hünäri
Bu watanda ýaş zürýat.

***Zafar Diýar***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# HÜNÄRLI ADAMYŇ GADYRY BELENT

## Hünär barada nakyllar

Akyl göge ýetirer,
Hünär köpe

* * *

Bilimsize ynanç ýok,
Hünärsize guwanç ýok.

* * *

Hünär bolsa eliňde,
Nan tapylar ýoluňda.

Siz ýaşaýan çäkde haýsy hünär görnüşleri ösen?






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kimdir arzuw-isleglerine bilimi, kimdir bolsa kesp-hünäri arkaly ýetýär. Ylym, kesp-hünär hemme zamanda-da gadyrlanypdyr.

Bilimli, kesp-hünäri pugta eýelän ýaşlar ýurduň baýlygydyr. Ýigitleri edermen, batyr, gyzlary haýaly we ybaly, ylymda öňdebaryjy ýurt dünýä tanalýar.

Işýakmazlyk we ýaltalykdan ýyrak bolan, bilimli-hünärli adam hiç haçan hor bolmaýar, hemişe yzzatda bolýar.











*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýaşlykda kesp-hünär eýelemek üçin adamda wagt we mümkinçilikler ýeterli. Mundan önümli peýdalanmaly, wagty biderek geçirmeli däl.

Hünäriň ýagşy-ýamany bolmaýar. Adam ony yhlas bilen eýelese, ussa diýen hormata eýe bolýar.

Adam baýlygyny ýitirmegi mümkin, ýöne hünäri ondan hiç kim çekip alyp bilmeýär.

## HÜNÄRSIZLIGIŇ NETIJESI

Öten zamanda bir gysganç baý bardy. Onuň baýlygy şu derejede köp bolup, hasabyny özi-de bilmeýärdi. Ýöne bu baýlykdan özüne-de, özgelere-de peýda ýokdy. Ol şeýle bir gysganç bolup, baýlygyny iýip-içmäge-de, ylym-hünäre-de sarplamaýardy.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Baýyň Ahmet atly ýekeje ogly bardy. Bir güni ol ogluny hünär öwretmek maksadynda hünärmende eltipdir. Ussa tertip-düzgünleri düşündirip, öwreden hünäri üçin her aýda bir tylla tölemelidigini aýdýar. Muny eşiden baýyň gahary gelip, ogluny gaýtaryp äkidipdir.

Ahmet ýaşlykda hünär öwrenmedi, bilim almady. Atasy aradan çykansoň, baýlyklary tiz sarp edip, garyp adama öwrülipdir. Ol bilim ýa-da hünär eýelemänligine gaty ökünipdir.

Gysganjyň maly, zaýaçynyň haly, bilim-hünärsiziň ýagdaýy şeýle bolýar.

1. Ahmet näme üçin atasyndan galan baýlygyň gadyryna ýetmedi?
2. Baý ogluna hünär öwredende ol nähili adam bolup ulalardy?
3. Siz haýsy hünäri öwrenmäge gyzyklanýarsyňyz? Bu hakda ata-eneňize aýtdyňyzmy?
4. Ata-eneňize özüňiz gyzyklanýan hünär barada aýdyp beriň we olaryň pikirini biliň.

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KIM BOLMAK ISLEÝÄRIN?

Siz gelejekde kim bolmakçysyňyz? Bu käriň eýeleri nähili bilimleri eýelemeli?

Kesp-hünäriň ýagşy-ýamany bolmaýar. Olaryň hemmesi bir ýaly peýdaly.

Adam öz gyzyklanmasyndan gelip çykyp kär saýlasa, üstünlik gazanmak aňsat bolýar.

Ylym-bilimiň ösmegi sebäpli täze-täze kär görnüşleri peýda bolýar. Meselem, informasion tehnologiýalar ugrunda maksatnamaçy, web-dizaýner, kompýuter operatory we başgalar.

Informasion tehnologiýalaryň mümkinçilikleri gaty giň. Bu ugruň hünärmeni bolmak üçin dyngysyz okamak we öwrenmek talap edilýär.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Geçen asyryň ahyrlarynda her bir maşgalada kompýuter bolmalydygyny göz öňüne getirmek kyndy. Häzirki günde ol hemme ugurda bar.

Informasion tehnologiýalar saglygy goraýyş, gorag, maglumatlar bilen işlemek, tälim, umuman durmuşyň ähli ugurlaryna girip bardy. Şu sebäpli ugruny gowy bilýän kär eýelerine talap barha artýar.

Adam haýsy käre gyzyklansa, oňa degişli bilimleri eýeläp barmalydyr.

## LUKMANÇYLYK – ASYLLY KÄR

Lukmanda nähili sypatlar bolmaly?

Lukman adamlary ýagşy görmeli we mähriban bolmaly. Çünki ol näsaglara mähir berýär.

Lukman batyrgaý bolmaly. Çünki ol howply keseller özüne ýokaşmagyndan gorkman, näsagy bejerýär.

Lukman hemişe ynjalykly bolmaly. Onuň ynjalyklylygy we özüne bolan ynamy näsaglary ruhlandyrýar.

Lukman gamhor we hüşgär bolmaly. Ol keseliň her bir alamatyna we aýdýan sözlerine ünsli bolmaly. Ýogsam, kesel güýçlenýär ýa-da näsagyň göwni çöküp, aýaga galmagy kynlaşýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Lukman janypkeş bolmaly. Ol islendik ýagdaýda adamlara kömek bermelidir.

Lukman sabyr-takatly bolmaly. käbir keselleri bejermek üçin aýlar we hatda ýyllar gerek bolýar.

Lukman höwesjeň we zähmetsöýer bolmaly. Ol hemişe öz bilimini artdyryp, bejermegiň döwrebap syrlaryny öwrenip barmalydyr.






Göz öňüne getiriň, siz žurnalistsiňiz. Ata-eneňiz bilen kär saýlamak temasynda söhbetleşiň. Olardan aşakdaky soraglara jogap alyň we depderiňize ýazyň:

1. Näme sebäpden hut şu käri saýlapdyňyz?
2. Bu käri eýelemek üçin näçe wagt we zähmet talap edilýär?
3. Käriňiziň ýagşy we ýaman taraplaryny aýdyň.

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Aşakdaky pikirlere laýyk jogaplary surat-lardan tapyň we depderiňize ýazyň:**

1. Çagalara tälim-terbiýe berýär...
2. Adamlary bejerýär...
3. Owadan ymaratlary gurýar...
4. Aňrybaş tagamlar bişirýär...
5. Gelşikli geýimleri tikýär...
6. Adamlaryň uzagyny ýakyn edýär...
7. Watanyny goraýar...
8. Dürli-dürli nygmatlary ýetişdirýär...





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MENIŇ BOŞ WAGTYM

**Depderiňize boş wagtyňyzda näme etmegi isleýändigiňizi ýazyň.**

Beýik alymlardan biri: «Kim gününi biderek geçirse, ýagşy amal etmese, adamlara owadan söz aýtmasa, ylym ýa-da hünär öwrenmese, özüne jebir edipdir», diýen eken.

Wagty yzyna gaýtaryp bolmaýar. Şonuň üçin ony gadyrlamaly, ondan önümli peýdalanmaly.

Halkymyzda «Wagtyň gitdi – bagtyň gitdi», diýen nakyl bar. Wagtdan önümli peýdalanyp, ýaşlykda bilim alan, hünär öwrenen adam gelejekde hökman öz bagtyny tapar.

Ýalta we işýakmazlar bolsa wagty biderek sarplaýar, netijede üstünlik gazanyp bilmeýär. Danyşmentden sorapdyrlar:

– Ömrüň haýsy bir sagatlary biderek giden hasaplanýar?

Danyşment jogap beridir:

– Ýagşylyk etmek mümkinçiligi bolsa-da, edilmedik, ylym öwrenmäge mümkinçiligi bolsa-da, öwrenilmedik sagatlary boş giden hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Wagty dogry paýlan adam durmuşda köp üstünlikleri gazanýar. Şonuň üçin boş wagtda nämeler bilen meşgul bolmalydygymyzy anyklap almalydyrys.

## Boş wagtyňyzda näme edýärsiňiz?

| | Hawa | Ýok |
|---|---|---|
| Öý işlerine kömekleşýärin | ● | ● |
| Kitap okaýaryn | ● | ● |
| Uklaýaryn | ● | ● |
| Sport bilen meşgullanýaryn | ● | ● |
| Kompýuter oýnuny oýnaýaryn | ● | ● |
| Telewizor görýärin | ● | ● |
| Ýoldaşlarym bilen oýnaýaryn | ● | ● |
| ... dilini öwrenýärin | ● | ● |
| Hünär öwrenýärin | ● | ● |
| | | |
| | | |

Depderiňize jedweli göçüriň we boş wagtyňyzda ýene nämeler edýändigiňizi bellik ediň.

Berlen jedweldäki «Hawa» jogaplaryňyzyň hem-de «Ýok» jogaplaryňyzyň sanyny deňeşdiriň. Şu soraglardan haýsysyna «Ýok» diýip jogap bermek peýdalyrak?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE
http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gyzyklanmalar sandygyny öz gyzyklanmalaryňyz bilen dolduryň. Siz ýene nämelere gyzyklanýarsyňyz?**




1. Günüň dowamynda eden işleriňizi ýazyň.
2. Ertirki gün üçin nähili plan düzdüňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AMALY SAPAK
# GÜN TERTIBI

Döwranyň ertirki gün tertibi dogry düzülipmi? Yzygiderligi saklamak bilen gaýtadan düzüp çykyň.

Döwran ukudan turdy. Ertirlik edindi. Tuflisini geýdi. Gerekli kitap-depderlerini sumkasyna ýerleşdirdi. Ýerini tertibe getirdi. El-ýüzüni, dişlerini ýuwdy. Geýimlerini geýdi. Ata-enesine salam berdi. Mekdebe bardy.

«Gün tertibi» jedweli bilen tanyşyň. Siz hem güni şu tertip esasynda geçirýäňizmi? Aşakdaky jedwele wagty goýup, depderiňize bellik ediň.

| Gün tertibi | Wagty | Gün tertibi | Wagty |
|---|---|---|---|
| Ukudan oýanmak | | Gurnak we sport maşklaryna barmak | |
| Bedenterbiýe we ýuwunmak | | Öý işlerine kömekleşmek | |
| Ertirlik | | Agşamky nahar | |
| Mekdebe barmak | | Ders taýýarlamak | |
| Mekdepden gelmek | | Maşgala söhbeti | |
| Günortanlyk | | Telewizor tomaşa etmek ýa-da kitap okamak | |
| Dynç alyş | | Uklamak | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IV BAP.
# DAŞKY GÖRNÜŞ – ADAMYŇ GÖRKI

## DAŞKY GÖRNÜŞ MEDENIÝETI

?! Nirä nähili geýimde barmaly?

Adamyň nähilidigini onuň geýnişinden hem bilmek mümkin. Üst-başy arassa, geýinmek edebine amal eden adama gatnaşyk gowy bolýar.

Geýinmek edebine amal etmek üçin gymmat baha geýimleri geýmek hökman däl. Möhümi, geýimler dogry saýlanan, arassa we ütüklenen bolmaly.

### Geýinmek edebi

- geýimleri arassa, tämiz saklamak we geýmek;
- naharlananda geýimleri tegmil degirmeli däl;
- geými mahsus şkaflarda we ildirgiçlerde saklamak;
- geýimleri tertipsiz, çem gelen ýere taşlap gitmezlik;
- ilikleri dakyp, aýakgabyň daňylaryny daňyp gezmek;
- aýak geýmini jübütläp, öz ýerine goýmak;
- hemişe ýanynda ýaglyk alyp gezmek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Suratlardaky çagalaryň geýimlerine üns beriň. Olar nähili geýnipdir? Bu geýimler nirä baranda geýilýär?



**Dilnazanyň hereketine baha beriň. Sizde-de şular ýaly ýagdaýlar bolupdymy?**

– Dilnaza, mekdep formaňy ýuwup, ütükläp goýdum, – diýdi enesi.

– Ýok, bu gün mekdebe täze köýnegimi geýip barjak, – diýdi Dilnaza.

– Gyzym, ol köýnegiňi myhmana baranda geýýäň ahyryn.

– Ýok, mekdebe geýip barjak, ony ýoldaşlaryma görkezjek. Bolmasa, mekdebe barjak däl...



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Dilşada nähili maslahat berýärsiňiz?

Dilşat mekdebe barýança köçedäki güjükleri we pişikleri kowýar, daş atýar. Ol atan daşlar käte adamlara degýär. Dilşat ötünç soramagyň ýerine gaçyp gidýär. Bir güni ol Selim babanyň aýnasyny döwdi.

Dilşat dersde-de rahat oturyp bilmeýär. Parta, synp diwarlaryna dürli sözleri ýazýar, surat çekýär. Synpdaşlaryny gepe güýmäp, ünsüni bölýär.

Dilşat öz zatlaryny hem aýamaýar. Bir gün şapkasyny, başga gün sport geýmini ýitirýär. Göni ýoldan ýöremän, hemişe ýoluň çetinden, laý we daşly ýerlerden ýöreýär. Şonuň üçin ata-enesi oňa tiz-tiz geýim satyn alyp bermäge mejbur bolýar. Dilşata siziň maslahatyňyz gerek. Oňa nähili maslahat berersiňiz?





**Geýim-gejimleri nähili saklamalydygy barada tekst düzüň.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ARASSAÇYLYK – ADAMYŇ GÖRKI

Arassaçylyk adamyň tämizliginde, geýinmeginde, özüni alyp barşynda, zatlaryny nähili saklaýşynda görünýär. Arassa adama hemmäniň höwesi gelýär.

## ARASSAÇYLYK NENEŇ OŇAT

Akmal 3-nji synpda okaýar. «Edepnama» dersinde mugallym arassa çaganyň nähili bolmalydygy barada gürrüň etdi. Akmal mugallymynyň gürrüňlerini eşidip, özünden utandy. Çünki ol özüni arassa we tertipli okuwçy diýip bilmeýärdi. Akmal şu günden başlap arassa bolaryn, diýip özüne söz berdi.

Öýe baransoň, tuflisini ardyp ýerine goýdy. Sumkasyny her günki ýaly gapynyň öňünde dälde, öz otagyna eltip goýdy. Geýimlerini şkafa ildirdi. Stolunyň üstüniň tertipsizligini görüp, derrew tertibe getirdi. El-ýüzüni ýuwup, saçlaryny darady. Enesi işden gelýänçe naharhanadaky gap-çanaklary ýuwup, tozanlary artdy. Muňa enesi guwanyp:

– Arassa we akylly oglumdan aýlanaýyn, – diýip öwdi.



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Ejejan, indi otagymy özüm ýygnaryn. Siz günuzyn işläp ýadap gelýärsiňiz. Bu günden başlap jigim bilen öý işlerini etmekde size kömek bereris, – diýdi.

Enesi Akmalyň geplerinden hoşal boldy.



Geýimleri we el-ýüzi arassa, zatlary tertipli çaga hemmä birmeňzeş ýakýar. Her bir çaga özüniň zatlaryny tertipli saklamagy endik edinmelidir.

1. Okuw gurallaryny nähili saklamaly?
2. Siziň pikiriňizçe, bu kadalara ýene nähili goşmaça etmek mümkin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Kitabyň listlerini ýyrtmak, eplemek, olara çyzmak bolmaýar. Kitapdaky suratlary gyrkmak edepden däl. Üzülen sahypalary ýelimlemeli, el we galam yzlaryny bozguç bilen öçürmeli.
2. Depderi ýörite daşlyk bilen dolap, oňa artykmaç zatlary ýazmaly däl.
3. Galamlar mahsus galamdanda saklansa, ujy döwülmeýär.
4. Suwuk ýelimi we çotgalary mahsus gaba ýa-da sumkanyň aýratyn bolümine salan makul.

**Suratlara üns beriň. Çagalara at dakyň we suratda şekillendirilen görnüş esasynda ýatdan hekaýa düzüň.**







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# V BAP. BIZ ÝAŞAÝAN ÄLEM

## TEBIGATYŇ NYGMATLARYNDAN AKYLLY-BAŞLY PEÝDALANMAK

Nygmat – adamyň durmuşy üçin zerur bolan zatlar. Meselem, suw, howa, gaz we başgalar.
Tygşytlylyk – nygmatlary gadyrlamak, kadaly ulanmak.
Zaýaçylyk – nygmatlary gadyrlamazlyk we normadan artykmaç ulanmak.

Tygşytlylyk – ýagşy sypat. Tygşytly adamyň maşgalasynda bereket, işinde önüm bolýar. Kimki özündäki bar zady tygşytlap ulansa, ol uzaga ýetýär.

Zaýaçylyk bolsa erbet adatlardan. Şu sebäpli ata-babalarymyz tygşytly bolmaga ündäpdirler.

Hadyslarda hem «Kimki durmuşda tygşytly bolsa, zynhar garyp düşmeýär», diýilýär. Ýaşlygyndan tygşytly bolmaga öwrenen adam hiç zada zar bolmaýar.

Gündelik durmuşymyzda elektrik energiýasynyň ähmiýeti uly. Köçelerimizi we öýümizi ýagty edýän çyralarsyz durmuşymyzy göz öňüne getirmek kyn.

Elektrik energiýasy bilen işleýän tehniki enjamlardan her gün peýdalanýarys. Sowadyjy, telewizor, ütük, kompýuter we başga zatlar işlemese,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nähili ýagdaýa düşeris? Öýde çyra bolmasa näme ederdik?

Elektrik energiýasy tükeniksiz çeşme däl. Ondan tygşytly peýdalanmak arkaly maşgalamyza, ýurdumyza peýda getirýäris.

Tebigatyň nygmatlary gelejek nesil üçin hem hyzmat etmelidigini unutmaň.

1. Öýüňizdäki elektrik energiýasy bilen işleýän zatlaryň sanawyny düzüň.
2. Siz olary ulanmagyň kadalaryny bilýärsiňizmi?
3. Elektrik enjamlaryndan ýerliksiz peýdalanmak nähili netijelere getirmegi mümkin?

Edepli çaga mekdebindäki we jemgyýetçilik ýerindäki zatlary hem aýap saklamalydyr. Çünki bu zatlar başgalara hem, inilerimize we doganlarymyza hem hyzmat etmelidir.

## MAMANYŇ ÖWÜDI

Anwar ir bilen howlukmaç ertirlik edindi. Ol çöregiň uly bölegini alyp, bir-iki dişledi, şirin çaýy hem ahyryna çenli içmedi. Muny synlap duran mamasy:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Balam, çöregi ahyryna çenli iýip, çaýy içip gutarjak dälmi? diýdi.

– Garnym doýdy, iýesim gelenok.

– Bu işiň ýagşy däl, balajanym. Hemme zady özüňe geregini algyn, artykmajy zaýa bolar. Ýatdan çykarma, zaýaçylyk – iň erbet adat. Her zadyň günäsi bolýar. Nämäni hor etseň, şoňa zar bolarsyň. Şeýle wagtlar bolupdy, ýagny adamlar bir döwüm çörek üçin jan beripdirler. Seniň bu işiň dokluga şohluk etmekdir. Mundan soň hiçem şeýle etmegin.

– Bolýa, mamajan, – diýdi Anwar we bu gepleri ýatdan çykarmazlyga wada berdi.

Durmuşda tygşytly bolmak arkaly diňe bir maşgalamyza däl, eýsem döwletimizede peýda getirýäris. Biderek akyp duran suwuň kranyny towlap goýmak, ýanyp galan çyrany ýa-da gazy öçürmek arkaly näçe-näçe serişdäni tygşytlamak mümkin.

1. Tebigatyň nygmatlaryny tygşytly ulanmak diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Zaýaçylyk nähili netijelere getirýär?
3. Siz özüňizi tygşytly diýip hasaplaýarsyňyzmy? Pikiriňize mysallar getiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SUW – ÝAŞAÝŞYŇ ÇEŞMESI

1. Suwsuz ýaşaýşy göz öňüne getirmek mümkinmi?
2. Günüň dowamynda suwdan näme üçin we näme maksatda peýdalanýarys?

Suw – ýaşaýşyň çeşmesi. Suw bolmadyk ýerde ýaşaýyş hem bolmaýar. Jandarlar hem, ösümlikler hem suw bilen diri. Suw tükeniksiz çeşme däl. Şu sebäpli ony gadyrlamaly. Gadymda babalarymyz suwa tüýkürmek, dürli çykyndylary taşlamagy günä diýip hasaplapdyrlar. Suwy hapalan adamy jezalandyrypdyr.

Dünýäde agyz suwy ýetmezçilik edýän ýurtlar köp. Afrikada we arap döwletlerinde adamlar suwy altynyň bahasynda satyn alýarlar. Suwy gadyrlamak, tygşytlamak her birimiziň borjumyzdyr.

## ÇÖREGIŇ WE SUWUŇ GADYRY

Gadymda bir baý we bir garyp adam uzak sapara çykypdyrlar. Menzile ýol çöl-beýewandan geçer eken. Baý halta doly altyndyr jöwherleri göteripdir. Garyp bolsa halta doly çörek we bir meş suw alypdyr. Olar köp ýol ýöräpdirler. Baý açlykdan we teşnelikden gaty kösenipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Eý dostum, baýlyga ynanyp, uly ýalňyşan ekenim. Maňa-da çörek-suwuňdan ber, – diýipdir.

Ýoldaşy oňa çörek-suw beripdir. Şu sebäpli olar menzile sag-aman ýetip gelipdirler. Netije şu, ýagny çörek-suw islendik baýlykdanam gymmatlyrak we gadyrlyrakdyr.

1. Şu rowaýatdan nähili netije çykardyňyz?
2. Adamyň ýaşamagy üçin zerur bolan zatlary sanap beriň.

**Suwy tygşytlamak üçin aşakdakylary berjaý ediň:**

1. Krandan akýan suwy ýapyp goýuň.
2. Ýaplara we howuzlara dürli zatlary hem-de çykyndylary taşlamaň.
3. Biderek akyp ýatan suwdan ululary habardar ediň.
4. Suwy ulanmakda normany saklaň.

Suw nähili maksatda we näme üçin ulanylyşy barada pikir ýörediň. Jogaplaryňyzy depdere aşakdaky görnüşde ýazyň:




http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## SUW

Suwdyr älemiň jany,
Abat ömür bossany.
Suw bar ýerde öser dän,
Tamdyrlarda bişer nan.

Ganyp iç, ýaýnap ýuwun,
Lezzet alyp hem guwan,
Göwnüň joşup gül açsa,
Neneň oňat – beden arassa.

Kim katra dürün tygşytlar,
Ýurdun, takdyryn bezär.
Dury suwy bar Watan,
Üstünlikler ýar Watan.

***Kambar Ata***

Kambar Atanyň «Suw» goşgusyny ýat tutuň. Maşgalaňyzda suwa gatnaşyk we ondan nähili peýdalanylýandygy barada gürrüň edip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MEN TEBIGATY NÄHILI AÝAWLAP BILERIN?

1. Öz eliňiz bilen nahal ekdiňizmi? Nahala nähili ideg etmeli?
2. Tebigaty kim goramaly diýip oýlaýarsyňyz?

Adamlar, ösümlikler we jandarlar tebigatyň bir bölegi hasaplanýar. Her bir janly jandaryň dem almagy we ýaşamagy üçin suw, howa we iýmit gerek. Bularyň ählisi tebigatda bar. Tebigat biziň umumy öýümiz. Ony aýawlamak her birimiziň borjumyzdyr.

Maral we Myrat tebigaty goramakda aşakdaky kadalara amal edýärler. Siz bu kadalara ýene nähili goşmaçalar girizen bolardyňyz?

1. Agaç we güller ekmek, ideg etmek.
2. Suwy tygşytlamak we hapalamazlyk.
3. Çykyndylary çem gelen ýere taşlamazlyk.
4. Jandarlara azar bermezlik.
5. Ýere gaçan ýapraklary ýakmazlyk ...

1. Maşgalaňyz ýa-da dostlaryňyz bilen syýahata çykdyňyzmy?

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Syýahat üçin alan iýmitiň we içgi gaplaryny nirä taşlamaly?
3. Syýahat çagynda gülleri we ösümlikleri ýolmak, daragtlaryň şahasyny döwmek mümkinmi?

## Aşakdaky ýagdaýlary derňäň

**1-nji ýagdaý.** Göz öňüne getiriň: mekdepden öýe gaýdýarsyňyz. Köçede bir topar çagalar toplanan ýere gaçan ýapraklary ýakýandyklaryny gördüňiz? Şeýle ýagdaýda nähili çemeleşerdiňiz?

**2-nji ýagdaý.** Dostlaryňyz bilen oýnap ýörsüňiz. Ýoldaşlaryňyzdan biri daragtdaky guşuň höwürtgesine gözi düşdi. «Belki höwürtgede guşuň çagalary bardyr. Geliň, olary alarys», diýdi. Siz nähili çemeleşersiňiz?

## TEBIGATYŇ GUJAGYNA SYÝAHAT

Tebigat öwreniş dersinde 3-nji synp okuwçylary mugallym bilen tebigatyň gujagyna syýahata çykdylar. Mugallym ýol ugruna çagalara ene tebigat, ony nähili goramalydygy barada gürrüň berdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

— Be, ynha bu suwuň durudygyny, – diýdi Farruh.

— Baharda suwlar dury akýar. Onuň durulygyny we arassalygyny saklamaly. Ata-babalarymyz suwa her hili çykyndylary taşlamagy agyr günä diýip hasaplapdyrlar, - diýdi mugallym. – Suwuň boýundaky ynha şu narpyz, atgulak we jag-jaglary gördüňizmi? Olar ir baharda adama güýç-kuwwat berýär. Enejanlarymyz olardan dürli tagamlary bişirýärler.

Maftuna daragtlara garap lezzet alýardy:

— Ynha bu nähili daragt, mugallym?

— Bu igde agajy. Onuň gülleri hoşboý, miwesi şypaly. Agaçlar howany arassalap, saglygymyzy goraýar. Biz hem olary goramalydyrys.

— Guşlaryň ýakymly saýraýşyny eşidýäňizmi? — diýdi Akmal.

— Bu guşlar baharda uzak ülkelerden uçup gelýärler, – diýdi mugallym. – Guşlar höwürtge gurup, jüýje çykarmak üçin taýýarlanýarlar. Käbir çagalar olaryň höwürtgesini bozup, azar berýärler. Siz asla şeýle etmäň.

Okuwçylar tebigatyň gujagynda hezil edip ýadawlyk çykardylar. Syýahatdan gaýtmak bilen mugallym:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

— Eziz okuwçylar, tebigat näçe gözel we sahawatlydygyny bildiňiz. Ene tebigaty goramak borjumyzdygyny hemişe ýatda saklaň.



1. Tebigata näme üçin «ene» sözüni goşup aýdýarys?
2. Näme üçin tebigaty goramaly?
3. Tebigaty goramaga siz nähili goşant goşduňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AMALY SAPAK

## MEN ÝAŞAÝAN ÝERIŇ TEBIGATY

1. Ýaşaýan ýeriňiziň tebigaty barada gürrüň edip beriň.
2. Siz ýaşaýan çäk başga ýerlerden nämesi bilen tapawutlanýar?

Biziň ene planetamyz Ýer ýaşamak üçin örän amatlydyr. Ol suwdan, dagdan we buzluklardan, çöllerden we tokaýlardan ybarat. Ýer adamlary, haýwanlary we ösümlikleri öz gujagyna alan.

Ýerdäki ýaşaýşyň dowam etmeginde her bir jandaryň we ösümligiň öz wezipesi hem-de orny bar.

Tebigat berk tertip esasynda ýaşaýar. Ondaky käbir jandaryň ýa-da ösümligiň ýitip gitmegi tertibiň bozulmagyna sebäp bolýar. Bu bolsa dürli tebigy apatlary getirip çykarýar.

Ähli barlygyň ýaşamagy üçin ýaşaýyş öz gidişinde gitmelidir. Ýer ýüzünde ýaşaýşy saklamak üçin bolsa her birimiz jogapkärdiris.

Adam öz hereketleri üçin jogapkär. Ol her bir işiniň netijesini oýlap etmelidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Tapmaçalaryň jogaplaryny tapyp, kros-swordy çözüň.**



**Dikligine:** 1. Ýere urdum paltany,
Agzy gyzyl haltany,
Ýerden bir oglan çykdy,
Uly iliň soltany.
6. Bidi-bidi,
Meni ýykdy gidiberdi.

**Keseligine:** 2. Oýup aldym yzy ýok.
3. Ýygnalar ähli hasyl, Biliň!
Bu haýsy pasyl?
4. Gatlak-gatlak gatlama, Gatlamadan ätleme.
5. Agyr haly kakylmaýar, Kakylsa-da dökülmeýär.

Özüňiz ýaşaýan çägiň tebigatyny surat-landyryp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# VI BAP. MILLI MEDENIÝET

## MILLI URP-ADATLAR WE BAÝRAMLAR

1. Siziň maşgalaňyzda doglan gün däp-dessurlary nähili bellenýär?
2. Siz hem toýlarda ýa-da däp-dessurlarda gatnaşýarsyňyzmy? Olar haýsy taraplary bilen gyzykly?
3. Öýe myhman gelende ululara nähili kömek edýärsiňiz?

Her bir halkyň ýaşaýyş şerti bilen bagly urp-adaty, baýramlary we däp-dessurlary bar. Garaşsyzlyk gazanylandan soň milli gymmatlyklarymyz dikeldildi. Nowruz, Gurban we Remezan haýytlary umumhalk baýramlary hökmünde bellenýän boldy.

Maşgalada bäbek doglandan garraýança birnäçe däp-dessurlar geçirilýär. Bäbege at dakmak, bişik toýy, sünnet toýy, müçel ýaşy, nika toýy şolara degişlidir.

Gadymda uly bir wezipäni ýa-da abadançylyk işlerini amala aşyrmak üçin ýowarlar guralypdyr. Ýowar halky birleşdirýän, mähir-şepagata ündeýän gymmatlykdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Myhman söýüjilik – halkymyza mahsus sypat. Babalarymyz we mamalarymyz myhmany desserhanyň töründe oturtmalydygyny, tagamlar bilen sylamalydygyny nygtaýarlar.

Milli urp-adatlar we däp-dessurlar – baýlygymyzdyr. Olary gadyrlamak, gelejek nesle ýetirmek bolsa borjumyzdyr.

**Aşakdaky suratlarda nähili urp-adatlar we däp-dessurlar suratlandyrylypdyr?**



**Ýumuş**

Milli urp-adatlary we däp-dessurlary görkezýän surat çekjek boluň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Nähili milli we umumhalk baýramlary bilýärsiňiz?
2. Baýram günleri öýkeleşýän, başgalaryň keýpini bozýan çagalara gatnaşygyňyz nähili?

Nowruz – gadymy halk baýramy. Ata-babalarymyz baharyň gelmegini we tebigatyň oýanmagyny täze ýyl hökmünde baýram edipdirler. Nowruz «now» – täze, «ruz» – gün diýmekdir.

Nowruz milli urp-adatlar görkezilýän, mähir-şepagat baýramydyr.

9-njy maý – Hatyra we hormatlama güni. Bu günde geçenleriň hatyrasy ýatlanýar, garrylaryň we mähire mätäçleriň halyndan habar alynýar.

1-nji sentýabrda mübärek sene – Garaşsyzlyk gününi baýram edýäris.

Mugallymlar we terbiýeçiler gününi her ýyl 1-nji oktýabrda belleýäris. Şol gün hemme özüne bilim beren, hünär öwreden mugallymlaryna tagzym edýärler.

Baş kanunymyz – Konstitusiýa gününi 8-nji dekabrda belleýäris.

Täze ýyl dünýä halklary tarapyndan uly şadyýanlyk bilen garşylanýan baýramdyr.

Aýal-gyzlar güni – 8-nji martda eziz enelerimize, dogan-jigilerimize bolan hormatymyzy berjaý edýäris.

Remezan we Gurban haýytlary ýagşylyga we mähir-şepagata çagyrýan dini baýramlardyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Umumhalk baýramlarynda myhman garşylamak, täze geýim geýmek, seýle çykmak däbe öwrülen.

Baýramlary, toý we däp-dessurlary urp-adatlarymyza amal edip, ykjam we tygşytly edip geçirmäge çalyşmalydyrys.

Şu seneler nähili gün hökmünde bellenýändigini ikinji sütünden tapyp, depderiňize ýazyň.

| | |
|---|---|
| **1-nji ýanwar** | Garaşsyzlyk güni |
| **8-nji mart** | Hatyra we hormatlama güni |
| **21-nji mart** | Konstitusiýa güni |
| **9-njy maý** | Nowruz |
| **1-nji sentýabr** | Täze ýyl |
| **1-nji oktýabr** | Aýal-gyzlar güni |
| **8-nji dekabr** | Mugallymlar we terbiýeçiler güni |

**Baýrama barmak we özüňi alyp barmak edebi:**

- owadan geýimleri geýmek;
- şadyýan bolmak;
- daş-töwerekdäkileri baýram bilen gutlamak;
- ýakynlaryna sowgat bermek;
- näsaglaryň we garrylaryň halyndan habar almak;
- adamlaryň göwnüne degmezlik;

...

Şu hatary dowam etdiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE














Suratlara üns beriň. Olarda Özbegistanda ýaşaýan dürli milletleriň milli baýramlary görkezilen. Başga halklaryň nähili baýramlaryny bilýärsiňiz? Olar barada maglumat toplaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MÄHIR-ŞEPAGAT WE ADAMKÄRÇILIK DUÝGUSY

1. Nähili adamlara ýagşy adam diýip bilýärsiňiz?
2. Siz hem başga birine ýagşylyk edipdiňizmi?

Mähir-şepagat we adamkärçilik halkymyzyň gadyrlaýan sypatlar hasaplanýar. Özbek halky Ikinji jahan urşy döwründe mähir-şepagatyň we adamkärçiligiň ýokary nusgasyny görkezdi. Watanyndan, ýakynlaryndan aýrylan adamlara öýünden ýer berdi. Ata-enesinden aýrylan çagalary garamagyna aldy, başyny sypady.

Mukaddes dinimiz hem adamlary mähir-adamkärçilikli, rehimli bolmaga ündeýär. Hadyslarda: «Tä bir-birleriňize mähir-adamkärçilikli bolmasaňyz, mömin bolmarsyňyz», diýip ýazylypdyr.

Biriniň halyndan habar alyp, oňa mähir görkezmek, göwnüni götermek – sogap iş. Şu sebäpli ata-babalarymyz garrylara, maýyplara we mätäçlere kömek etmegi adamkärçilik borjy hasaplapdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Haýwanlar gadymdan adamyň ýakyn dosty, kömekçisi bolup gelipdir. Olar gepläp bilmesede mähir-şepagaty, ýagşylygy duýýarlar. Adamyň haýwanlara gatnaşygyndan onuň nähili adamdygyny bilmek bolýar.

Mähir görkezmek üçin baý ýa-da güýçli bolmak hökman däl. Adamlara gerekli wagtda kömek bermek ýa-da şirin söz aýtmak hem mähir-adamkärçilikdir.

Mukaddes kitaplarda adamlar bir-birine mähriban, adamkärçilikli bolup ýaşamalydyklary nygtalýar. Şonuň ýaly-da, sogaply işleri edýän adamlara ýagşylyk gapylary hemişe açyk bolýandygyny nygtapdyrlar.

## ÝAGŞYLYK UNUDYLMAÝAR

Lukman hekim hemişe başga birine ýagşylyk eder eken. Onuň mähir-şepagaty we sahylygyny eşiden adamlar uzak şäherlerden we obalardan kömek sorap geler ekenler. Günleriň birinde nämälim adam onuň ýanyna gelip, şeýle diýipdir:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Eý Lukman, men meşhur söwdagärdim. Käbir sebäplere görä işim yza gitdi, barymdan aýryldym. Elimden hiç bir iş gelmeýär, kärimem hünärimem ýok. Senden karz sorap geldim.

Lukman öýünden bir halta pul çykaryp, söwdagäriň eline tutduryar. Muny synlap duran ogly atasyna garap:

– Ata, şunça puly nätanyş bir adama berip goýberdiňiz. Ol dänip gitse, näme edersiňiz? – diýipdir.

– Eý oglum, – diýipdir Lukman, – adamlar hiç haçan ýagşylygyňy unutmaýarlar. Wagtlaýyn olar senden ýüz öwürseler-de, bir gün ynsaba gelýärler. Adam elinden geldiginden başga birine ýagşylyk etmeli we eden ýagşylygyny unutmalydyr. Emma başgalaryň özüne eden ýagşylygyny asla unutmak bolmaýar.

1. Ata-eneňizden ýa-da baba-mamalaryňyzdan mähir-şepagatyň, adamkärçiligiň nämedigi barada soraň.
2. Ýagşylyk barada goşgy ýa-da hekaýa okap geliň, mazmunyny ýoldaşlaryňyza gürrüň edip beriň.



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAŞGALA – TERBIÝE MESGENI



Maşgala – mukaddes mesgen. Adam maşgala gujagynda ulalýar.

Türkmen maşgalalarynda babalar we mamalar, ata-eneler hormat edilip, kiçiler sylanýar.

Her bir maşgala döwletimiziň gamhorlygy we üns merkezinde. Ýaşlary terbiýelemek, kemala getirmek, ylym-hünär öwretmek – özbek maşgalalaryna mahsus däplerdir.

Baba-mamalarymyzyň nesihaty, atalaryň göreldesi, eneleriň mähri arkaly terbiýe nesilden nesle geçýär.

Beden taýdan sagdyn, ruhubelent we kämil nesli terbiýelemekde maşgalanyň roly çäksizdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Baş kanunymyz – Konstitusiýa hem «Maşgala» baby girizilen. Onda maşgala jemgyýetiň esasy bognudygy, döwletiň goragyndadygy bellenendir.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasy:**

Ata-eneler öz perzentlerini kämillik ýaşyna ýetýänçe bakmaga we terbiýelemäge mejburdyrlar.

* * *

**Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasynyň 64-nji maddasy:**

Kämillik ýaşyna ýeten, zähmete ýaramly perzentler öz ata-enelerine gamhorlyk etmäge mejburdyrlar.

## MENIŇ MAŞGALAM

Biz maşgalada dört adam: ata-enem, jigim we men. Maşgalamyzda her bir adamyň öz orny bar.

Hemmämiz bir maşgala bolup saçagyň daşyna toplanýarys we bir wagtda turýarys. Her birimiziň öz wezipelerimiz bar. Men we jigim öý işlerinde ululara kömek edýäris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ata-enemiz bize agzybir, edepli, zähmetsöýüji bolmagymyzy nygtaýarlar.

Men dünýädäki iň bagtly adamdyryn. Çünki meniň maşgalam bar.

Maşgala adamlar bir-birine mähir we kömek berip, bile ýaşaýan mesgendir. Ony aýawly saklamaly, gadyrlamaly.







Maşgalaňyz barada kiçi hekaýa düzüň. Maşgalada siziň wezipeleriňiz nämelerden ybarat?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GARRYLARY AÝAP SAKLALYŇ

1. Siziň garyndaşlaryňyzyň we goňşularyňyzyň arasynda garry adamlar barmy?
2. Babaňyzyň ýa-da mamaňyzyň haýsy nesihatlaryny hemişe ýatda saklaýarsyňyz? Ulularyň sözlerine gulak asmanlygyňyz üçin puşman edenligiňiz ýadyňyzdamy?

Garry adamlar bar maşgala perişdeli bolýar. Babalarymyzyň we mamalarymyzyň dogasy, öwüt-nesihatlary bize zerur. Olar durmuş tejribelerini öwredýärler, ertekiler aýdyp berýärler.

Ýurdumyzda garry ýaşdaky adamlar hormatlanýar. Olara gamhorlyk edilýär, halyndan habar alynýar.



Ululary hormat, kiçileri sylamak halkymyza mahsus gymmatlyklardandyr. Garrylara salam bermeli, olaryň sözlerine gulak asyp, nesihatlaryna amal etmeli.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GARRYLARYŇ DOGASY

Aman boş wagtyny babasy we mamasy bilen geçirmegi gowy görýär. Çünki olar bilen wagtyň nähili geçenini duýman galýar. Olar bagda agaçlara we güllere bile ideg edýärler. Babasy ösümlikler we guşlar, haýwanlar barada gyzykly-gyzykly wakalary aýdyp berýär. Mamasynyň nakyllaryny, aýdymlaryny we ertekilerini hezil edip diňleýär.



Günleriň birinde Aman dosty Myrat bilen mekdepden gelýärdi. Ýolda uly sumkany zordan göterip barýan bir kempiri gördüler.

– Myrat, gel enehana kömek edeliň, – diýdi Aman.

– Ýok, men tizräk öýe baryp, ders taýýarlajak, – diýdi Myrat.

– Bolýa, sen gidiber. Men kömek berjek, – diýdi Aman.

Babasy we mamasy Aman näme üçin giç galandygyny soradylar. Agtygynyň jogabyny eşidip:

– Berekella, balam. Garrylaryň dogasyny alsaň, asla kem bolmarsyň. «Altyn alma, doga al» diýipdirler ahyryn, – diýdi babasy onuň egnine kakyp.

1. Myradyň hereketini nähili bahalaýarsyňyz?
2. Siziň pikiriňizçe, nätanyş garrylara kömek bermek hökmanmy? Jogabyňyzy düşündirip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MÄHELLE WE GOŇŞUÇYLYK GATNAŞYKLARY

1. Mähelläňiziň adyny bilýärsiňizmi? Oňa näme üçin şeýle at dakylypdyr?
2. Mähelläňizden görnükli adamlar ýetişip çykanmy? Olar barada gürrüň edip beriň.

Mähelle özbek halkynyň iň gadymy, gaýtalanmaz milli gymmatlyklaryndan biridir. Adam mähellede kemala gelýär, ulalýar, dost edinýär.

Gadymdan mähelle adamlary bir maşgala agzalary ýaly agzybirlikde ýaşapdyrlar. Kimedir kömek gerek bolsa, mähelläniň adamlary ony ünssüz galdyrmandyrlar. Ýaşaýyş jaýlary köpçüligiň kömegi bilen ýowar edilip gurlupdyr.

«Bir çaga ýedi goňşy ata-ene», diýen nakyl ýöne ýere aýdylmandyr. Mähelläniň ululary ýaşlaryň terbiýesine ünssüz bolmaýar, öz perzendi ýaly nesihat berýär.

Mähelle aksakgallary we aktiwleri her bir maşgalanyň parahat, asuda ýaşamagyna goşant goşýarlar.

Goňşularyň halyndan habar almak, olara kömek bermek ýaly gözel adatlar we endikler mähellede ösýär.

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





Goňşuçylyk edebine, köçeleriň abadançylygyna we arassaçylygyna, toý-märekeleri geçirmekdäki agzybirlige höwesiň gelýär. Respublikamyzda on müňden artyk mähelle bar. Olar barha owadanlaşyp, abat bolup barýar.

## ABAT MÄHELLE

Atabek babasy bilen umumhalk haýyr-sogap ýowaryna çykdy.

Ýowar sebäpli mähelle has-da gözelleşdi. Köçeler abadanlaşdyryldy, daragtlar aklandy.

Kadyr aganyň öýünde gurluşyk öwjüne galyp dur. Mähelle agzalary bileleşip işleýärler.

Narjan daýzanyň howlusynda bolsa daşgazanda semeni gaýnaýar.

Atabek babasy bilen mähelle güzerindäki atalar çaýhanasynyň, dellekhananyň, dükanlaryň deňinden geçip barýarka täze



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

sport meýdançasyna gözi düşdi. «Indi bu ýerde dostlarym bilen hezil edip futbol oýnarys», diýip begendi.

– Babajan, mähellämiz gaty owadan bolup gidipdir, – diýdi Atabek.

– Elbetde, balajanym. Mähellämiziň gelşigi adamlaryň mähir-şepagatynda. Bu meýdançany mähellämiziň telekeçileri gurup berdiler. Sen hem ynha şeýle başarjaň, gaýratly, akylly adam bolup, ýurduň, mähelläniň ösüşine öz goşandyňy goşmalysyň, – diýdi babasy.



1. Obaňyzda ýa-da şäheriňizde nähili mähelleler bar?
2. Mähelläňizde sport bilen meşgullanmak, ýadawlygy çykarmak üçin şertler döredilenmi?
3. Goňşular bilen nähili işleri bilelikde amala aşyrýarsyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# JEMLEÝJI DERS

## Dynç alyş üçin ýumuşlar

1. Göreldeli hekaýa, goşgy, erteki we rowaýatlardan okaň.
2. Edep-ahlaga degişli nakyllary ýat tutuň.
3. Ata-eneňiz bilen özüňiz ýaşaýan çäkdäki taryhy ýerlere zyýarata çykyň.
4. Tomsuň dowamynda dostlaryňyz bilen hezil edip ýadawlyk çykaryň, milli we hereketli oýunlary oýnaň, beden taýdan taplanyň.
5. Ululara öý-hojalyk, bag we meýdan işlerinde kömek ediň.

## Eziz okuwçy!

Ýylyň dowamynda edep-ahlaga, milli urp-adatlarymyza degişli bilimlere eýe bolduňyz. Bu bilimleri eýelemegiň özi ýeterli däl. Olara amal etmeli.

Dynç alyş – dynç alyp, täze bilimleri eýelemek üçin güýç toplaýan döwür. Dynç alyşda boş wagt köp bolýar. Dersleriň dowamynda alan bilimleriňizden peýdalanyp, ony mazmunly geçiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

**I bap. Watan — mukaddes**

Özbegistan Respublikasy – garaşsyz döwlet..........5

Döwlet simwollary – milli buýsanjymyz..................13

Taryhy ýadygärlikler – medeni baýlygymyz...........16

Amaly sapak

Men ýaşaýan çäkdäki taryhy ýadygärlikler............20

**II bap. Edep-ahlak hazynasy**

Aň-bilim ýaýradyjylyk ata-babalarymyzdan miras sypat.....................................................................23

Edep-ahlak normalary...........................................30

Edep-ahlak barada hadyslar..................................33

Okama edebi........................................................35

Amaly sapak

«Men söýýän kitap»..............................................39

**III bap. Zähmet adamy beýgeldýär**

Zähmet adam durmuşyny bezeýär .........................43

Hünärli adamyň gadyry belent ...............................46

Kim bolmak isleýärin?............................................50

Meniň boş wagtym.................................................54



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Amaly sapak
Gün tertibi ....................................................57

**IV bap. Daşky görnüş – adamyň görki**
Geýinmek edebi ..............................................58
Arassaçylyk – adamyň görki ..............................61

**V bap. Biz ýaşaýan älem**
Suw – ýaşaýşyň çeşmesi....................................67
Men tebigaty nähili aýawlap bilerin?......................70

Amaly sapak
Men ýaşaýan ýeriň tebigaty ...............................74

**VI bap. Milli medeniýet**

Milli urp-adatlar we baýramlar.............................76
Mähir-şepagat we adamkärçilik duýgusy ...............81
Maşgala – terbiýe mesgeni .................................84
Garrylary aýap saklalyň .....................................87
Mähelle we goňşuçylyk gatnaşyklary.....................89
Jemleýji ders ..................................................92



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Mohira Xoliqova,**
**Shahnoza Ergasheva**

# ODOBNOMA

**(Turkman tilida)**

**3-sinf**

Tuzatilgan va to‘ldirilgan to‘rtinchi nashri

Toshkent – «Yangiyul Poligraph Service» – 2019

Nashriyot litsenziyasi AI № 185 10.05.2011 y.

Terjime eden K. Hallyýew
Redaktor J. Metýakubow
Tehniki redaktor M. Rihsiýew
Korrektor J. Metýakubow
Kompýuterde sahaplaýjy J.Azimow

Çap etmäge 2019-njy ýylyň 00-nji maýynda rugsat edildi. Möçberi 70×90 1/16. Arial garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Neşir listi 6,0.Şertli çap listi 7,02. 0000 nusgada çap edildi. Buýurma №
Şertnama №

112001, «Yangiyul Poligraph Service» JÇJ çaphanasynda çap edildi.
Daşkent welaýaty, Ýangiýol şäheri, Samarkant köçesi, 44.

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

## Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine bolsaslanylyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň bolsasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň bolsasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, bolsasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE